# Beýik Pyragy Hakda Oýlanmalar

**(jemşidiñ jamyna bir syn)**

Türkmen Milletiniñ milli şahyry hem beýik akyldary Magtymguly Pyragy eziz halkynyñ akyl-payhasyndan „Az bolsun Uz bolsun“ diyen dürdäne ündewine uýmak bilen, dünýä we adamzat ýaşaýşynyñ ähli taraplary hakynda az we zu hem-de ölmez-yitmez goşgular goýup gidipdir. Hut şu hakykaty göz öñünde tutmak bilen, beyik Ors alymy Bertels, onuñ diwanyna „jemşidiñ jamy“ diyen dogruçýl hem adalatly baha beripdir.

Magtymguly bu beýik işi başarmak üçin, bir tarpdan milletimiziñ müñýyllaryñ dowamynda taryh ussahanasynda sünnäläp ýetişdiren az hem zu atalar sözüdir halk döredijiligimiziñ beýleki pudaklaryndan peýdalanan boosa, beýleki tarapdan hem bütin gündogar edebiýatinda, belki-de dünýäde simwollara öwrülen we her biriniñ añyrsynda giden bir düşünje ýatan atlardyr adalgalary özüniñ giñ düşünjelerini beýan etmek üçin örän yerlikli ulanyp bilipdir. Hut şonuñ üçin hem onuñ köp goşgularyny, ylaýta-da filosofik düşünjelerini halk köpçüligine has düşnükli beýan etmek üçin ençeme kitaplar ýazmak bolar hem-de ýazylmalydyr diýip düşünýärin. Pyragyniñ özi hem „Magtymguly sözüm gysga şarhy köp“ diýmek bilen bu wezipäni orta atypdyr diýip düşünýärin. Belki-de Beýik Magtymguly özüniñ gysga hem aladadan doly ömrüniñ dowamynda mähriban halkyna örän köp öwütler edip sargytlar goýup gitmek maksady bilen , az hem zu ýa öz sözi bilen aytsak „gysga emma şerhy köp“ metody ulanmaga mejbur bolandyr.

Elbetde magtymgulynyñ oý-pikirlerini has açmak we halk köpçüligine has düşnükliräk beýan etmek ugrunda, Berdi Kerbabaýewden başlap şu güne çenli edilen işler-de az däldir. Şol işlerden ugur almak bilen, men hem özümüñ milli borjum hem-de watanymyzda geçip duran **„täze galkynyş“** döwrüniñ milli lideri **hormatly prezidentimiz Gurbanguly Berimuhemmedowyñ „Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyñ Altyn Asyry“** atly ylmy-medeni bäsleşik geçirmek hakyndaky çykaran döwletli kararyna jogap hökmünde bu ugurdaky düşünjelerimi aşakdaky tertipde mähriban halkym bilen paýlaşmagy dogry tapdym.

## Birinji bölüm- Magtymgulynyñ Beýik Realizmi:

### I- Magtymgulynyñ döwri:

Her bir beyik şahsyýatyň hakyky ornuna göz ýetirmek üçin, onuň yaşap geçen döwrüni öwrenip, ony öz önüp-ösen jemgyýetiniň şol günki şertlerinde hereket etdirmek bilen mümkin bolup biler. Sebäbi her ynsanyň mertebesi, öz ýaşan döwrüne we onuñ talaplaryna dogry düşünmek bilen özüniň taryhy wezipesini nä derejede ýerine ýetirendigi hem-de öz halkyna we bütin adamzada eden hyzmatlary bilen kesgitlenýär. Şu hakykaty göz öňünde tutmak bilen biz, öz beýik akyldarymyz hem milli şahyrymyzyň beýikligine dogry hem real göz ýetirmek üçin, örän gysga-da bolsa halkymyzyň iňňän uzak taryhynyň belli bölümlerine göz aýlamaly bolýarys.

Türkmenistan we türkmen milletiniň 8 müň ýyl çemesi dokumental medeni taryhy bu gün ylym dünýsinde aýdyňlaşdy. Güneşli Türkmenistanymyz ençeme medeniýetiň ojagy we türkmen milleti bolsa bu medeniýetleriň hakyky hem kanuna laýyk mirasdüşeridir. *Änewdir Altyndepe* medeniýetlerinden *Marguş* medeniýetine çenli, *beýik Part fedrativ döwletinden beýik fedrativ Seljuk* döwletine çenli, *Horezmşalardan Garaşsyz bitarap Türkmenistan Jemhuriýetine* çenli, onlarça ululy-kiçili döwletler guran hem biziň ata-babalarymyz we ene-mamalarymyzdyr. Şonuň ýaly-da türkmen halky ähli türki halklaryň we türk **dünýäsiniň iň gadymy agzalarynyň** biridir we 16-njy ýüz ýyla çenli olar bilen bilelikde ýaşap deň ykbaly paýlaşan halkdyr. Emma gynansak-da 13-nji ýüzýylyň başlaryndan ýagny Çeňňiz Hanyň ýykyp ýumrujy hüjümlerinden soň Türkmenistanyň we türkmen halkynyň ýa-da has anygyrak edip aýtsak uly Oguz-Türkmen halkynyň ata watanda galan az sanly toparynyň taryhynda iň agyr hem gara döwür başlanýar. Şol döwrüň tä beýik şahyryň ýaşan zamanasyna çenli bölegini gysgaça gözden geçirýäris:

Türkmenler bilen Gypjaklar tarapyndan döredilen Horezmşalar (Köneürgenç) döwleti 13-nji ýüz ýylyň başlarynda (1219 m.) Çeňňiz hanyň agyr hüjümine sezewar bolýar. Bu agyr hüjümiň öňünde durup ýurdy goramalymy ýa-da gol galdyryp boýun egmelimi? diýen soragyň ýuze çykmasy bilen agzalalyk döreýär. Gypjaklar, Muhammedşanyň ejesi Türkan Hatunyň syýasaty bilen söweşe girmeden yurdy basybalyjylara tabşyrmaly diýen karara gelýärler. Emma türkmenler bolsa Muhammedşanyň türkmen aýalyndan bolan Jelaleddiniň töweregine ýygnanyp, onuň baştutanlygynda watany goramak üçin aldym-berdimli söweşe girýärler. Häzirki zaman Köneürgençden Nişapura çenli ýaýylan türkmen topraklarynyň ädim-ädim garyş-garyşynda “gylyç-galkanyň” aýylganç heňi ýaňlanýar. Iki tarapdan hem gaty köp ynsan gyrylýar. Bu gahrymançylykly söweşiň netijesinde Çeňňizhan Türkmenistanyň belli bölegini resmi ýagdaýda türkmenlere bermäge mejbur bolýar, emma beýleki tarapdan bolsa halk gaty güýçden düşýär. Uly-uly şäherler, şol sanda şol döwürde kitaphanasynda 12 müň jild kitaby bolan Mary şäheri tep-tekiz edilýär. Ine, ýurdy ýumrulyp ilaty boşara gelen az sanly halkymyz üçin, şol döwürden başlap, geçmişlerdäki ýaly özbaşdak hem erkana döwlet gurup azat ýaşap bilmeklik, hasratly arzuwa öwrülýär. Seljuk döwründen başlan günbatara tarap göçler has güýçli depgin bilen dowam edýär. Owşar, Baýat, Gaýy, Halaç, Begdilli, Zulkadar ýaly güýçli Oguz-Türkmen illeri Azerbeýjana, Eýrana, Anadola çenli baryp ýerleşýärler hem-de Anadolyda beýik Osmanly döwletini, Diýarbekir we Tebriz şäherlerini paýtaht etmek bilen Akgoýunly we Garagoýunly döwletlerini esaslandyrýarlar. Hakykatda Sefewi döwleti-de olaryň eli ýa-da aýgytlaýjy roly bilen gurulýar. Emm weýrana öwrülen Türkmenistanda azalyp galan türkmenler bolsa ýarym oturumly, ýarym çarwa ýagdaýda ýasamaga mejbur bolýarlar.

Şeýle agyr taryhy ýagdaýlarda-da buýsançly geçmişe eýe bolan köki çuňňur halkymyz tapdan düşmedi. Ilkinji pursatda özüne gelip özbaşdak döwlet gurmak arkaly geçen buýsançly ornuny eýelemek ugrunda dinuwsyz dalaşyny dowam etdirdi. Teýmurylaryň döwründe ylaýta-da Emir Teýmuryň ogly Şarohyň döwründe Türkmenistan abadanlaşýar we ýumrulan şäherler gaýtadan janlanyp başlaýar. Aslynda-da Teýmurylar döwleti belli derejede Özbek-Türkmen karaktere eýe bolupdyr.Alyşir Nowaýynyň eserleri hem-de onuň Soltansöýün bilen aralaryndaky rowaýatlar, bagşylaryň aydym-sazyna we dessançylarymyzyň gürrüňlerine şeýle bir ornapdyr welim, halkymyz olary türkmen şahsyýatlary hökmünde kabul edipdir. Türkmen tamdyrasynda nowaýy perdesiniň bolmagy-da ýokarda aýdylanlaryň dogrulygyna bir delildir.

15-nji yüzýyldan başlap bütin türkmen tire-taýpalary bir-biri bilen jebisleşip milli barlyklaryny has güýçli duýduryp başlaýarlar. Iňňän irki döwürlere degişli bolan dessanlarymyzdyr eposlarymyz gaýtadan halk arasynda giňden ýaýraýar. Geçen taryhymyz, mitolojik (mifiki) görnüşinde direlýär. Oguznama, Görogly, Korkut-Ata, Asly-Kerem, Şasenem-Garyb ýaly dessanlar, hakykatda iň gadym döwürlerden başlap, Saklaryň we Partlaryň zamanynda kämilleşen umumy-türk mitologiýasynyň yslamy döwürde, yslamy öwüşgün bilen direldilmesidi. Milletimiziň şeýle bir galkynyş prosesiniň başlanan döwri ýene-de türkmen we ähli türki halklar üçin örän gynandyryjy hem weýrançylykly döwür başlanýar:

Bu makalanyñ çygrynda ustunde durup bolmajak belli siýasy özgerişleriň netijesinde Awrupada uly kolonýalist döwletleriñ ýüze çykmagy bilen, dünýäniñ aýry-aýry ülkelerini öz aralarynda paýlaşyp talamak prosesi başlanýar. Şondan soňraky syýasy hadysalaryň aňyrsynda bu döwletleriň özara bäsleşikleri hem-de dürli ýollar bilen halklaryň arasynda agzyalalyk döredip olary güýçden düşürmek maksady bilen alyp barýan syýasatlary durýar. Şeýle hadysalaryň iň ýamanynyň biri-de bütin yslam dünýasi, ylaýta-da türki halklar üçin örän weýrançylykly netijesi bolan şyga-sünni dawasydyr. Bir tarapdan Sefewi döwleti bilen Osmanly Türkiýesiniň, ýene bir tarapdan bolsa, Sefewiler bilen Özbek-Türkmen arasynda ýüz beren weýrançylykly uruşlar, hakykatda mezheb dawasy bilen örtülen dogan-dogany gyrmak ýaly aýylganç duzaga düşmekden başga zat däldi. Bu şum hadysalar Türkiýe, Eýran, Türkmenistan, Özbegistan we Owganystan ýaly ýurtlarda uly weýrançylyklara ýol açýar,

ylaýta-da ýaňy aýaga galyp barýan biziň halkymyza gaty agyr düşýär. Gaýtadan rowaçlanyp barýan şäherler bozulyp ilatdan boşaýar. Munuň üstesine-de 16-njy ýüzýylyň ortalarynda Hazar deňizine guýýan Amy derýanyň öz ugruny Aral gölüne tarap sowmasy, Türkmenistanyň has çölleşmesi hem-de Köneürgenç we Dehistan ýaly şäherleriň ilatdan boşap galmasyna sebäp bolýar.

Emma şeýle agyr ýagdaýlarda-da halkymyz öz milli kimligini saklap ýurdy goramak ugrunda alyp barýan dalaşyny gowşatman dowam etdirýär. 17-nji ýüzýylyň aýaklarynda türkmeniň beýik şahyry hem dessan ýazany ***Nurmuhammed Andalib*** orta çykýar. Ol, halkyň arasynda we bagşylaryň dilinde ýaşap gelýän ençeme dessanlary öz döwrüne görä gaýtadan ýazýar. Nurmuhammed Andalib, ***Leýli-Mejnun, Ýusup-Zuleýha, Zeýnel-Arab, Baba Röwşen*** ýaly dessanlary hem-de ***Oguznama, Emadeddin Nesimi*** ýaly poemeleri ýazmak bilen öz halkynyň ruhy galkynyşyna hem ösmegine uly hyzmat edýär. ***Abaserdar we Keýmirkör*** ýaly syýasy şahsyýatlar-da şol döwürlere(16,17-nji ýüzýyllara) degişlidir.

18-nji ýüz ýylyň başlarynda ***Nedirşa***nyň güýçlenip, diňe bir Eýrana däl eýsem bütin Orta we Alyn Aziýa, Kawkaza, Hindistana hatda Hytaýa agalyk etmek hyýalyna atlanyp, ony durmuşa geçirmek ugrunda hereket etmesi, biziň halkymyz üçin ýene-de agyr hem ajy taryhy hadysa bolýar. Nedirşanyň özi türkmeniň owşar ilinden bolup onuň esasy atly güýçleriniň hem-de ynanýan adamlarynyň birnäçe türkmen illerinden bolandygyna garamazdan, kesekileriň hyzmatynda bolany üçin özbaşdaklygy hem erkin ýaşamagy söýýän halkynyñ garşysyna-da weýrançylykly ýörişler edip Türkmenistany tozdurýar. Hatda iliň gündelik ýaşaýşynda ulanýan demir we mis gap-gaçlaryna çenli ýygnadyp, top ýasamak üçin eretdirýär. Şeýle çykgynsyz ýagdaýa düşen halk, özüni gorap ýurduna eýeçilik etmek üçin bütin güýjüni we maddy mümkinçiliklerini bir ýere birikdirip belli maksada ugrukdyrar ýaly, merkezleşen bir döwletiň gerekdigine has-da güýçli göz ýetirýärler. Şeýle agyr taryhy pursatda, bu taryhy zeruratlara doly göz ýetiren, Magtymgulynyň atasy ***Döwletmämmed Azady,*** meýdana girip Il-Güni bu ýagdaýdan gutarmak üçin çykalga gözleýär. Ol, ***Wagzy Azat*** atly kitabyny goşgy görnüşinde ýazyp halka hödürleýär. Dört bölümden ybarat bolan bu kitap hakykatda, gurulmaly Türkmen döwletiniň esasy kanunynyň ugurlaryny düşündirýärdi…

1747-nji ýylda Nedirşanyň öldürülmeginiň yzysüre onuň agalyk edip oturan ägirt giň topraklary öz içine alýan hökümeti agyr krizise düşüp çagşaýar. Diňe güýç bilen saklanyp oturan Azerbeýjan, Gürjüstan, Yrak, Owganystan we beýleki ýurtlar aýaga galýarlar we özbaşdak döwlet gurmak ugrunda herekete geçýärärler. Ine, şeýle galagoply hem çylşyrymly döwürde halkymyzyň beýik ogly, beýik akyldary hem mili şahyry ***Magtymguly Pyragy*** orta çykýar. Ol, atasy Döwletmämmed Azadynyň milli idiýalaryny we orta goýan ýörelgesini durmuşa geçirmek ugrunda, has ynamly, has paýhasly, has batyrgaý, mähriban halkynyň maddi we ruhy ýagdaýyna hem-de dünýä şertlerine uýgunlykda hereket edip, halkyň arasynda eýýäm başlanan gozgalaňlaryň dogry ýola ugrukdyrylyp, belli netijä gowuşmagy ugrunda özüniň taryhy wezipesini ýerine ýetirýär.

## II- Magtymguly Türkmeniñ Milli Şahyry:

Magtymgulynyň milliliginiň dürli taraplaryny şu aşakdaky tertipde ele almak mümkindir diỳip düşünỳärin:

***a-Milli Barlygyň Özeni Dil:***

Watan diỳilỳän mukaddes barlyk, her bir Ulusuň milli barlygynyň simwoly hem belgisidir. Dünỳä belli postmodernist filosof „Haỳdiger“iň düşünjesine görä; „watan iki aỳagyň üstünde durỳar. Biri maddi aỳak, ỳagny „Toprak“, ikinjisi bolsa ruhy aỳak, ỳagny „Dil“dir. Dil bozuldugyça watan kiçeler, dil unudulsa watan-da elden gider. Sebäbi „dil“ barlygyň öỳüdir. Her bir millet dil bilen döreỳär we dil bilen barlygyny dowam etdirỳär. Onuň bütin aňy, ruhy we kimligi diňe dilinde ỳaşaỳar. Maddi watan ỳagny toprak, keseki basybalyjylaryň tarapyndan eỳelenip, hatda onuň hakyky eỳeleri onlarça we ỳüzlerçe ỳyl gulçuluga çekilip ỳa-da yurdundan kowulup hem biler. Emma şeỳle ỳagdaỳlarda hem watan

ỳeke aỳagynyň üstünde durup, öz ýaşaỳşyny ol halkyň dilinde dowam etdirer. Dowam etdirer hem-de iru-giç beỳleki aỳagyna gowşup, has berkirak hem has beỳgiräk ỳagdaỳda gaỳtadan dikeldilp biler”.

Bu hakykata mysal hökmünde biz, özlerini Dawut pygammaryň bärisi hasap edỳän Israýyl halkyny görkezip bileris. Olar 2500 ỳyl çemesi watanlaryny ruhy aỳagynyň üstünde ỳaşatmagy başardylar hem-de iň soňy maddy aỳaga-da eỳe bolup, dünỳäniň iň güỳçli watanlarynyň birini döretdiler.

Hut şu hakykatlara has irräk göz ỳetiren biziň milli şahyryz hem, dünỳä Türkmenleriniň özboluşly milli aỳdymyna öwrülen “Türkmeniň” atly goşgysynyň iň soňky hem aỳgytlaỳjy setirini: “Sözlär Magtymguly Dili Türkmeniň” diỳip gutarỳar. Bu bolsa: Jeỳhun bilen Bahri Hazar arasynyň gül-gunçasyny gara gözünüň garasy ỳaly görỳän, gyz-gelinlerini prilere meňzedỳän, gyỳa bakyp lagla dönỳän däli sylly daglaryny we şol daglaryň gaỳalary bilen bäsleşỳän galkan döşli ỳigitlerini jany-teni we ỳüregi bilen söỳỳän, hydyr gören gözel Türkmen Watanynyň diňe Türkmen Dili ỳaşadykça ỳaşap biljekdiginiň iň aỳdyň beỳany hem-de bizlere galdyryp giden iň mukaddes sargydydyr. Onuň öz gepiniň esasy hem tümmek ỳerini goşgularynyň iň soäky beỳtlerinde getirỳändigini-de biz bilỳäris.

Türk dünỳäsiniň görnükli şahsyỳatlarynyň biri bolan Mustafa Kemal Atatürküň: “Türk diỳmek Türk Dili diỳmekdir” diỳen dürdäne sözleri-de şol hakykatdan dörändigi aỳdyňdyr.

Ine, Magtymguly atamyz hem, biziň azyndan 8,000 ỳyllyk şanly geçmişe eỳe bolan, topraklaryny ençeme gezek keseki basybalyjylar wagtlaỳynça alsalar-da öz milli kimligini, dilini ỳitirmedik medeniỳetli milletimiziň gujagynda önüp-ösüp ỳetişen we ata watanymyzyň ruhy aỳagyny has berkiden beỳik şahsyỳatlarynyň örän beỳikleriniň biridir.

Alym hem syỳahatçy, Magtymgulynyň otuza golaỳ goşgusyny Alman diline terjime hem neşir eden “Arminus Vambery” 1860-70 ỳyllar aralygynda haçan-da derwiş eşigine girip Türkmenistana baranda, ençeme beỳik döwletler guran türkmenleriň agyr ỳagdaỳyny, hatda paỳtagt eder ỳaly ỳekeje şäherleriniň hem ỳokdygyny görüp gaty geň galỳar. Emma onuň has geň galan başga bir zady bar; Ol özünden Seỳle bir sorag edỳär: “Türkmenler Pamir daglarynyň eteklerinden Hazar deňiziniň ỳakalaryna çenli uzaỳan giňişlikde örän dagynyk ỳagdaỳda ỳaşaỳarlar. Olar nädip, dagap gitmän, özlerini bir millet derejesinde saklap bilỳärlerkä?”. Bu soragyna Vamberyniň özi şeỳle jogap berỳär: „Sebäbi her öỳde Magtymguly okalỳar, Görogly hem Oguznama okalỳar“. Ol özüniň „Ỳalan derwiş“ atly kitabynyň başga bir ỳerinde-de Türkmen bagşylarynyň öz milli dillerini hem medeniỳetlerini saklamakda, şonuň ỳaly-da Magtygulydan, Göroglydan we beỳleki gahrymançylykly dessanlardan aỳdymlar aỳtmak arkaly öz milletiniň ruhuny her hili agyr şertlerde-de güỳçlendirip ỳokary derejede saklamakdaky aỳgytly roluny şeỳle beỳan edỳär: „Biz Inçrburun obasyna baranymyzda, şu gije bagşy bar diỳip şowhunly habar ỳaỳrady. Şol gün ilki agşam, elinde diňe iki simli bir saz guraly bilen bir Bagşy geldi. Agyr märeke onuň töweregine üỳşdüler. Bagşy aỳdyma başlandan märekeden ses-üỳn çykmady, hemme uly-kiçi gulak bolup diňleỳärdiler. Meniň üçin bu sazlaryň hemmesi birsyhly ỳalydy, emma oturanlara gaty çuň hem güỳçli täsir edỳärdi. ỳaşulylar agyr oỳa digỳärdi, ỳaşlar bolsa edil urşa taỳyn ỳaly tolgunỳardylar. Men Türkmenler ỳaly ilki agşamdan daň atỳança ỳekeje bagşyň ỳönekeỳje ỳaly görünỳän saz guraly bilen aỳdymlaryna uly üns berip oturup biljek halk, dünỳäniň başga ỳerinde ỳokdur diỳip düşünỳärin“.

Diỳmek, türkmen watanynyň ruhy aỳagynyň sarsmazlygyny kepillendirỳän gudratlarň iň gudratlarynyň biri, Türkmeniň saỳrak dili Magtymgulydyr. Hut şeỳle ruhy aỳagyň gudraty bilen, türkmen öz durkuny ỳitirip dargap gitmän eỳsem Köneürgenç (Horezşalar) döwletiniň synmagyndan 800 ỳyl soňra, öz hydyr gören mähriban topragyny Garaşsyz Watana öwrüp bildi. Magtymgulynyň ulusymyzyň milli hakydasynda şeỳle bir çuňňur hem güỳçli orny bardyr welin, halk arasynda aỳdylşy ỳaly: „türkmeni Magtymgulysyz göz öňüne getirip bolmaz, Türkmeni tanamadan hem Magtymgulyny tanap bolmaz“. Hatda birwagtlar biziň ýaşulylarymyz, ahun-mollalaryň wagyzlaryna-da Magtymgulynyň paỳhasy bilen ölçüp baha

bererdiler. Meselem mollanyň aỳdỳan sözleriniň mazmuny Magtymgulynyň goşgularynda bar bolsa: „Hawa, Magtymguly işan hem aỳdypdyr, dogrudyr“ diỳerdiler.

***b-Magtymguly Türkmeniň modern milli edebiỳatynyň düỳbüni tutdy:***

Türkmen edebiyaty, umumy-türk edebiýatynyň aýrylmaz bir bölegidir. Sebäbi, ýokarda-da belläp geçişimiz ýaly, türkmen milleti, türki halklaryň we türk dünýäsiniň iň gadymy agzalarynyň biri, hatda onuň köki hem gönezligidir diýsek-de öte geçdigimiz bolmaz. Hut şonuň üçin hem türkmen edebiýatyny we onuň beýik hem görnükli wekili Magtymguly Pyragynyň döredijiligini, umumy-türk edebiýaty bilen birlikde, hatda bütin Gündogar edebiyatynyň çygrynda ele alyp öwrenmelidiris. Biz munuň şeýledigini beýik şahyryň ölmez-yitmez diwanynda-da görýäris. Magtymgulynyň eserinde umumy-türk edebiýatynyň, ylaýta-da Ýusup Balasagunlynyň “Kutatgu-Biligi” (11-nji ýüzýyl), Ahmat Ýasawynyň “Diwany Hikmeti” (12-nji ýüzý.), Rabguziniň “Kysasol-Enbiýasy” (14-nji ýüzý.), şonuň ýaly-da Emadeddin Nesiminiň, Alyşir Nowaýynyň, Muhammed Fuzulynyň we başgalaryň täsirini we yzyny görýäris. Bulardan başga-da şahyryň bütin arap we pars dillerinde ýazylan edebiýat bilen-de doly tanyşdygy bellidir. Şu aşakdaky setirlere üns bereliň:

Jam göterip, baryp ỳetdim bir bapdan,
Hyrka geỳip, il içinde san bolsam;
Tün içinde baryp beỳtulla tapdan,
Zar ỳyglaỳan sahyplara hun bolsam.

Abu Sagyt, Omar Haỳỳam, Hemedany,
Ferdöwsi, Nyzamy, Hafyz Perwany,
Jelaleddin Rumy, “Jame ul-many”,
Alarnyň jaỳynda men hem kän bolsam.

Damganyda ỳörgen ussat Nowaỳy,
“Çar diwany”, “Perhat-Şirin” zybany,
Zahyreddin Babur, “Mizan-owzany,
Gaşlaryna baryp men Mejnun bolsam.

Okyp bildim Sagdynyň men “Bostanyn”,
Gör, ne ajap Hakanynyň “Medỳny”,
Istär men “Şahnama”, “Sakynamany”,
Halyf Omar birlen Süleỳman bolsam.

Salaman Afsaly serhoş eỳleỳip,
Bahram Gury tutup, medhuş eỳleỳip,
Azadul-döwläni bir guş eỳleỳip,
Abu Mähfuz, Gyzyl Aslan han bolsam.

Arbalet golunda, eỳ Magtymguly!
Rüsteme Isgender hiç tutmaz ỳoly,
Ne bolsa, bilgeỳ sen ilat hyỳaly,
Dertliler öňünde men Lukman bolsam.

Bilşimiz ỳaly, 18-nji ỳüzỳyla çenli Türk dünỳäsiniň resmi edebiỳatynda ulanylỳan edebi dil, Arap-Täjik sözleri köp garyşan „Çagataỳ“ türkçesidi, hatda Magtymgulynyň kakasy Döwletmämmet Azady-da öz „Wagzy Azat“ kitabyny şol dilde ỳazypdyr. Emma Magtymguly öňki däbi ỳöretmegiň ỳerine öz milletiniň ruhy dünỳäsini has baỳlaşdyrmak we gözỳetimini has giňeltmek maksady bilen, halk köpçülügine düşnükly hem ruhuna uýgun şekilde

**„Türkmen milli edebiỳaty“nyň** düỳbüni tutỳar. Ol, bu ägirt uly hem çäksiz gymmatly işi durmuşa geçirmek üçin, mesnewi, murabbag, muhammes ỳaly arap aruz istiliniň ỳanynda, gadymy oguz däbi bolan goşuk (goşgy) istiline has agram berýär. Munuň üçin bolsa ol, bir tarapdan biziň baỳ halk döredijiligimizde belki müňlerçe ỳyl ỳaşap sünnälenip gelen halk aỳdymlarymyzdan, atalar sözümizden, hüwdilerimizden, lälelerimizden… egsilmez çeşme hökmünde peỳdalansa, ỳene bir tarapdan bolsa keseki sözleriň ýerine türkmen we beỳleki türki halklaryň dillerinde bar bolan sözleri ulanmaga çalyşỳar. Mysal üçin:

Kim nan tapmaz iỳmäge, Kim ỳer tapmaz goỳmaga,
Kim don tapmaz geỳmäge, Kim tirme şaly gözlär.

Elbetde bu uly özgerişiň doly durmuşa geçip düỳpli ornaşmagy, diňe uzak wagtyň dowamynda bolup biljekligi üçin, onuň bu düỳbüni tutup giden mekdebiniň kämilleşme süresi (prosesi) biziň günlerizde-de dowam edỳär.

Magtymguly hakykatda köpçüligiň her bir topary üçin ỳa-da goşgyň temasyna görä özboluşly uỳgun dil ulanỳar. Mysal üçin siỳasy-jemgiỳetçilik ỳa-da öwüt-nasyhat ỳaly temalarda, ỳokarda-da görşümiz ỳaly, umumy halk köpçülpgine örän düşnükli, gündelik gepleşigine gaty ỳakyn bir dilde ỳüzlenip ỳazỳar. Emma pelsepe we tasawwuf (sopyçylyk) ỳaly aỳdyň bolmadyk hyỳaly oỳlanmalar (abstrakt) ulgamynda pikir ỳöredende bolsa, bu ugurda umumy Türküstan ve Gündogar mekdeplerinde däbe öwrülen dilde, gaty köp arap sözleriniň ýardamy bilen ỳazmaly bolỳar. Sebäbi Arapça bütin yslam dünỳäsinde Din, ylym we pelsepe diline öwrülỳär. Hatda Abunäsri Farabi, Ibni Sina ỳaly beỳik alymlarymyz-da öz eserlerini Arap dilinde ỳazỳarlar. Emma Magtymguly şeýle ýagdaýda-da türkmeniň milli ruhuny we düşünjesini göz öňünde tutup ỳazỳar, aşakdaky setirler ỳaly:

Köňül perwaz eỳläp galdy ỳerinden,
Howalanmyş, gökden iỳnmez ỳaranlar
Bir hyỳala düşmüş, çykmaz serinden,
Bu hyỳaldan gaỳdyp dönmez ỳaranlar.

Noş edipdir muhabbetiň gandyndan
Gulak tutmaz zahidleriň pendinden
Turdy mekanyndan, çykdy bendinden,
Dolanyp ornunda gonmaz ỳaranlar.

***c,d-Magtymguly, Türkmen milli filosofiỳasyny döreden hem-de garaşsyz döwlet gurmagyň sawçysydyr:***

Magtymgulynyň milliliginiň bu taraplary aşakda aỳratyn bölüm edip ele alynỳar.

## III- Magtymguly döwrüniň milli serdary hem garaşsyz döwletiň sawçysy:

Magtymgulynyň ençeme ýurtlary aýlanyp, Türküstanyň ylmy merkezlerinde bolup, okap, örän baý hem gymmatly tejribeleri gazanandan soň mähriban halkynyň arasyna gaýdyp gelmegi bilen onuň ömrüniň, syýasy-jemgyýetçilik meýdanynda iň jogapkärçilikli ýyllary hem-de taryh öňündäki synagy başlanýar.

Gözel ilim, sen diýp sökerem ýollar,
Gözüm gubarlandy, zebundyr hallar.
Kenarda dargaýan eýesiz sallar,
Deprenmeý ýaş döküp, umman, sil gözlär.

Bütin durky il-gününe bolan çäksiz söýgüsi bilen ýugrulan, gözel türkmen topragy iň arzyly käbesine öwrilen Magtymguly, bu synagdan başyny dik tutup geçdi. Diňe öz döwriniň däl eýsem halkynyň geljegki we geljegki nesilleriniň ruhunda we kalbynda ebedi ýaşajak mukaddes ideallaryny, beýik mekdebini, aýdyň ýörelgesini goýup, özboluşly tagmasyny basyp gitdi. Biziň dürli kitapdyr makalalardan edinip bilen maglumatymyza görä hem-de onuň öz ölmez-ýitmez eserinden belli bolşy ýaly şahyr, atasynyň eserinde çeper beýanyny tapan, türkmen halkynyň taryhy arzuwy, ýagny **„özbaşdak, erkin döwlet gurup döwletli ýaşamak“** arzuwyny durmuşa geçirmek ugrunda, bütin tejribedir ylmyna daỳanmak bilen,dürli ýollara pikir aylap, içeri we daşary ýagdaýlaýlary, halkynyň maddy we ruhy potansiýallaryny gözden geçirýär hem-de ähli mümkinçiliklerden ýerlikli peýdalanmaga çalyşýar. Her zady ilki özüňden başlamalydygyna, esasy daỳanjyň bolsa öz halkydygyna, emma diňe agzybir halka daỳanyp boljakdygyna ynanan Pyragy, halkyna şeýle ýüzlenýär:

Bir-biriňi çapmak ermes ärlikden,
Bu iş şeỳtanydyr, ỳogsa körlükden.
Agzyalalyk aỳrar ili dirlikden,
Döwlet dönüp, nobat duşmana gelgeỳ.

Magtymgulynyñ halky her taraplaýyn goly taýýarlamak üçin öňe sürýän örän ähmiýetli hem ylmy garaýşy, güýç bilen siýasat, teori bilen pratik arasyndaky gatnaşykdyr. Ýagny olaryñ bir-birini kämilleşdiýändigi, biri bolmasa beýlekisiniñ täsirsiz boljakdygyny, hem siýasatly we hemme taraply düşünip uzakdan görüp bilýan ugurtapyjy ýolbaşçylar, hem-de uruş meýdanynda duşmany görende keýpi açylýan arslan ýürekli ýigitler gerekdigini örän ýerlikli nygtamasydyr:

Goç ýigidiñ ady çykmaz,
Döwleti, maly bolmasa.
Endişeli iş bitirmez,
Meýdanda däli bolmasa.

...

Ýigidiñ hyýaly bolsa serinde,
Çykar bir gün, çöküp galmaz garynda,
Hile hem bir batyrlykdyr ýerinde,
Ony başarmaga kişi gerekdir.

Ol, bu ugurda bar güýji bilen dalaş edip, ähli ýollary synaýar. Birleşen güýç bilen nämeler edip boljakdygyny, Il-Güni gysyp gowurýan, ynsanlyk derejesini kemsidýän, hor-homsy gözgyny ýaşaýşa sebäp bolýan şertleri özgerdip, azatlygyň, ynsanlarça ýaşamagyň ýeke täk girewi bolan garaşsyz hem erkin döwlet gurmagyň diňe agzybirlik bilen hakykata öwrüp boljakdygyny, halkyň dili bilen halkyna ýüzlenip aýdýar, halkyny galkyndyrýar, gayrata getirýär:

Köňüller, ỳürekler, bir bolup başlar,
Tartsa ýygyn, erär topraklar,daşlar.
Bir suprada taýýar kylynsa aşlar,
Göteriler ol ykbaly türkmeniň.

Türkmenler baglasa, bir ýere bili,
Gurudar Gulzumy,derýaýy Nili.

Teke, Ýomut, Gökleň, Ýazyr, Alyly,
Bir döwlete gulluk etsek bäşimiz.

Halk, maddy hem ruhy taýdan belli derejede taýynlanandan soň bolsa, gulçulykdan gutulmak üçin bar güýji bilen herekete geçmelidigini şeýle beýan edyär:

Gorka-gorka yflas ýagdaýa düşdük,
Takdyr näme bolsa, görülsin indi;
Pikir gazanynda gaýnadyk,bişdik,
Degme, ol joş urup ýörülsin indi!

Oturmasyn kempir, ýaşlar dul bolup,
Galmaňlar, türkmenler, ile dil bolup,
Rakyp ähli musulmana gul bolup,
Ilersi Soňydag sürülsin indi.

Üstümizden duşman höküm sürendir,
Mü-mün bary jebri-jepa görendir,
Ogul-gyzy har öňüne berendir,
Hemmeler ol jaýdan syrylsyn indi.

Pyragy ýüz tutar türkmen iline,
Duşman gol urmasyn gyzyl gülüne,
Dostlar, bizi ahyratyň siline
Gark etmänkä, rakyp gyrylsyn indi.

Magtymguly bu çagyryşlaryň ỳany bilen, daşary we halkara şertleriň ähli mümkinçiliklerinden peýdalanmak ugrunda-da örän paýhasly hem ugurtapyjylykly syýasatlara ýüz urýar. Türkmen Han-Begleri bilen yzygiderli geňeş geçirip pikir alyşyp durmagyň daşyndan hem, şol wagtlar garaşsyzlyk ugrunda Owganystanda hereket edýän, asly Abdal türkmenlerden bolan Ahmat Dürrany bilen arkadaşlyk etmek ýollaryny geňeşmek maksady bilen, onuň öz çakylygy esasynda, Çowdurhanyň baştutanlygynda birnäçe adam, şol sanda öz dogany Abdyllany Owganystana iberýärler. Emma gynanç bilen olar, ýolda duşmanlar tarapyndan şehit edilýär. Şahyr bu pajygaly waka hakynda, ilki Çowdurhany, soň bolsa öz dogany Abdyllany ýatlap şeýle ýazýar:

Ahmet Patyşadan habar almaga
Umyt etdi iller Çowdurhan üçin,
Sag baryp, salamat gaýdyp gelmäge,
Oňmady ykballar, Çowdurhan üçin.

Çowdurhan görejim, köňül diregim,
Sen wepat bolup sen zarlar içinde
Gökleňde pälwanym, ile geregim,
Halky goýup gitdiň narlar içinde.

...

Gülüp-oýnamadyk bile şat bolup,
Başdan gitdi, bütin bizden ýat bolup,
Magtymguly zar aglapdyr, mat bolup,
Kaýda mesgen tutduň, gardaş Abdylla.

Magtymguly bulardan başga-da, Gajarlardan dil hem aslymyzyň bir bolmagyndan, Owganlylardan bolsa mezhep birligimizden peýdalanyp haraý gözlemelidigini Il-Gününe maslahat berýär. Şahyr, ömrüniň yekeje salymyny-da halkynyň ykbalyndan sowa geçirmeýär. Hut şonuň üçin hem halk oňa „Milli şahyr“ diýen beýik ady berýär. Dogry, magtymguly özüniň derýa ýaly giň ýüreginde beslän we bütin ömrüni ýolunda sarp eden „Garaşsyz Türkmen Döwletini“ gözi bilen görüp bilmedi. Belki-de bu beýik ynsan üçin esasy mesele ony öz gözi bilen görmeklik-de bolan däldir. Emma ol, Garaşsyz türkmen döwletiniň bir gün guruljakdygyna welin, bütin durky bilen doly ynanyp gözüni asuda yumandyr. Onuň ýoly, onuň goýup giden beýik mekdebi, özünden soňky nesilleriň tarapyndan, hemme taraplaýyn dowam etdirildi, ösdirildi hem durmuşa geçirildi. Onuň edebi mekdebini, ***Kemineler, Mollanepesler, Seýdiler, ZeliliLer, Mätäjiler, Misgingylyçlar*** dowam etdirip, bu günki ýüzlerçe türkmen edebiýatçy alymlary, şahyrlary, sungat işgärleri, ony gülledip dünýäniň iň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirdiler. Bu gün türkmen kitaplarydyr gazýet-jurnallarynda, bagşylaryň aýdym-sazynda, radio-telewiziondyr internetlerde, kino-teatrlarda, Türkmenistanda we dünýäniň ähli ýurtlarynda gije-gündiz Magtymgulynyň ady ýaňlanyp dur. Onuň syýasy ýörelgesi bolsa ***Nurberdihanlaryň, Gowşythanlaryň, Gurbanmyrat işanlaryň, Jüneýthanlaryň, Osmanahunlaryň*** tarapyndan dowam etdirilip, on müňlerçe türkmeniň saýlama ogul-gyzlary şol ýola başlaryny goýdylar. ***Garaşsyz Bitarap Türkmenistan Jemhuriýetiniň*** gurulup Ata Watanymyz Güneşli Türkmenistanyň ýaşyl baýdagynyň Birleşen Milletler Guramasynyň jaýynda, dünýäniň ähli döwletli milletleriniň baýdaklarynyň arasynda buýsanç bilen pasyrdap durmagy, beýik akyldarymyz we milli şahyrymyzyň giň ýüreginde besläp giden mukaddes arzuwlarynyň hakykata öwrilmeginiň subutnamasydyr.

**IV-Magtymguly Adalat hem beỳik Umanizmiň Jarçysy:**

Beỳik Pyragynyň şahsyỳatynyň bu tarapyna göz ỳetirmek üçin, onuň bu ugurdaky altyn goşgularyndan diňe birnäçe setirine üns bermek ỳeterlikdir:

Kimlere altyn täçdir, Kimler saỳyl mätäçdir,
Kimler düỳpden gallaçdyr, Kim parça, haly gözlär.

Kim nan tapmaz image, Kim ỳer tapmaz goỳmaga,
Kim don tapmaz geỳmäge, Kim tirme şaly gözlär.

Magtymguly, huş eỳläp, Gez didäňi ỳaş eỳläp,
Däli köňül joş eỳlaäp, ỳüzmüň hyỳaly gözlär.

**…**

Yrỳa boldy köpüň okan namazy,
Taňry hiç birinden bolmady razy,
Pygammar ornunda outran kazy,
Para üçin elin aça başlady.

Şalarda galmady hökmi-adalat,
Bir pul üçin mufti berer rowaỳat,
Bil, bu işler, nyşanydyr kyỳamat,
Zalymlar bitoba öte başlady.

**…**

**Süleỳman sen, mura bir gulak goỳgul!**
**Sözüni diňlegil!, jogabyn aỳgyl!**
**Hakim bolsaň, halky gün kimi çoỳgul!**
**Akarda suw, ỳa öserde ỳel bolgul!.**

Ỳokardaky nusgalaryň iň soňky dört setirine gowy üns berebimizde, **“adalatyň”** ỳekeje beỳtde şeỳle doly hem çuň manyly beỳan edilmegi “diňe Magtymgulynyň aňyndan çykyp biler” diỳỳäsiň. Eger-de biz özümüz ony çuňlugy hem gerimi bilen öwrenip dünỳäniň beỳleki dillerinde-de açyklap bilsek, onda bu beỳt, Lahe şäherinde ỳerleşỳän “halkara adalan diwany”nyň jaỳynyň maňlaỳynda altyn harplar bilen ỳazylardy diỳip düşünỳärin. Sebäbi, Magtymguly bu ỳerde 5 sany simwol arkaly adalaty iň doly, iň gysga, iň güỳçli hem-de ähli adamzat üçin iň düşnükli görnüşde beỳan edipdir. Ỳagny: ỳele, suwa, ynsa-jynsa hokum süren **“Süleỳman”** dünỳä edebiỳatinda güỳjüň hem gudratyň, **“garynja”** bolsa güỳçsizligiň hem ejizligiň, **“gün”** ỳagşyny-ỳamany, güli-dikeni, beỳigi-pesi deň çoỳmagyň, **“akar suw”** deň suwarmagyň, **“ỳel”** bolsa ähli barlyklara deň ösmegiň simwollarydyr. ỳokarda-da belläp geçişimiz ỳaly, Magtymgulynyň dili köp ýerde simwollar dilidir, simwollar bolsa ähli adamzat arasynda iň düşnükli, az hem uz beỳan guraly bolsa gerek.

**V- Magtymguly Türkmeniň beỳik Mugallymy:**

Magtymguly öz mähriban halkynyň beden hem ruhy taỳdan sagdyn ỳaşamagy üçin gije-gündiz alada edpdir. Onuň diwanynyň uly bölegi, çagalaryň terbiỳesinden başlap ulylaryň has kämilleşmegi ulgamynda ỳazan öwüt-nasyhatlaryndan ybaratdyr. Nas atmak, çilim çekmek ỳaly beden saglygyna zyỳanly ham-de gyýbat, bahyllyk, husytlyk, ỳalançylyk, iki yüzlülik we päli ỳamanlyk ỳaly ruhy sagdynlyga howply we halky tozamaga alyp barỳan gylyk-häsiỳetleriň garşysyna yzygiderli çykyş edip göreşipdir. Bularyň her biri hakynda aỳdan goşgulary biziň hemmämize örän tanyşdyr.

Magtymgulynyň goşgularynda “mertlik” we “namartlyk” meselesi erş-argaç bolup geçỳär. Sebäbi ol, ähli oňat hem köpçülige bähbitli gylyk-häsiỳetleri “mertlik” we ähli ziỳanly häsiỳetlrti bolsa “namartlyk” sözleri bilen beỳan edỳär. Aşakdaky nusgalara üns bereliň:

Mert oldur ki bolsa köňli rähimli,
Göwresi giň gerek, özi pähimli,
Giň ỳerde garga deỳ bolsun wähimli,
Ỳerinde hünäri, işi gerekdir.

…

Namart çaşyr küren ile baş bolsa,
Aỳbyn açar, öz ilinden daş bolsa,
Serhoş bolan goç ỳigide duş bolsa,
Salar gyljyn, üçi nedir dört nedir.

Magtymguly aỳlan pelegiň çarhy,
Tanyr sen şol zaman duş gelen nyrhy,
Namardyň ỳanynda ỳok iliň parhy,
Pälin gözlär, mekan nedir, ỳurt nedir.

…

Owal akan ỳerden akarmyş aryk,
Men-menlik edeniň tanapy çüỳrük,
Mertden aşna tutsaň abraỳňa şärik,
Namart aşnasyna hile getirmiş.

Magtymguly ikiyüzlülige hem gözboỳagçylyga garşy yzygiderli çykyş edỳär. Ol, bir tarapdan hakyky sopylary hormatlap ulu pirleri öz ussady hökmünde sylaỳar, emma ili aldap öz bähbidini araỳan ruhanylary bolsa berk tankytlaỳar:

Işanlary her gapyda tapylar,
Mollalarna ỳok myjabat ỳapylar,

Öwülỳä men diỳip jögi sopylar,
Gygyryp, asmana böke başlady.

...

Aşyk men diỳp lap urarlar ỳalandan,
Bellisini aỳdar sorsaň bilenden,
Il gözüna ỳüz ỳyl tagat kylandan,
Ỳagşydyr bir säher gözden ỳaş gelse.

Şol bir wagtyň özünde ol, il arasynda "ỳüz gören linnet görmez" diỳilşi ỳaly, dogruçyllygy, ỳagşa ỳagşy, ỳamana ỳaman dimegi başarmalydygyny ündäp çykyş edỳär:

**Hiç köňül şatlygy çykmaz,**
**Bir köňül ỳykmaỳan ärden,**
**ỳagşylyk tamasyn etme,**
**Ỳamanlyk çykmaỳan ärden.**

Ỳokarky beỳti men, birnäçe ỳyl mundan öň bir Azerbeỳjanly alym dostumyň ỳaninda okanymda ol: "Bu sözler Günbatar filosofi Niçäniňki, bu goşgyny kim goşupdyr?" diỳip sorady. Men oňa: "Bu goşgyny biziň nilli şahyrymyz Magtymguly, Niçeden takmynan ỳüz ỳyl öň goşupdyr, belki-de "Gündogar örän ulydyr" diỳỳn Niçe, Gündogar edebiňatyny öwrenip ỳörkä Magtymgulynyň düşünjeleri bilen hem tanyş bolandyr" diỳip jogap beripdim.

Pyragynyň diwanynda iň esasy tema, ỳokarda-da görşümiz ỳaly, watany, il-güni söỳmeklikdir:

Her kimiň özüne Müsürdir jaỳy,
Ỳadyndan çykmaỳyr baỳramy-toỳy,
Jan saglygyň bolmaz hiç deňi-taỳy
Agşam ỳatyp, ertir şükrün kyl ỳagşy.

Bir biwepa ỳara gülüp bakandan,
Şirin jany yşk oduna ỳakandan,
Ỳat illerde mysapyrlyk çekenden,
Ursa, sökse, horlasa-da il ỳagşy.

...

Mestana ỳörinçäň gaỳry ỳurdunda,
Önüp-ösen öz ỳurduňdan aỳrylma!
Magrur käkilik deỳ nebsiň ugrunda,
Dama düşüp, ganatyňdan aỳrylma. (dama=duzaga)

Ỳokardaky setirleriň gudratyna we onuň içindäki çuň realizme, „derdi çeken biler" diỳilşi ỳaly, ỳyllar boỳy ilinden-ỳurdundan aỳra ỳaşamaga mejbur bolanlar, bar durky hem ỳüregi bilen duỳarlar hem oňa doly düşünerler. Aslynda Magtymguly her bir ynsanyň haỳsy ỳaşda we nähili şertlerde ỳaşaỳan bolsa-da elmydama ỳanyndadyr, golundan tutar, ỳol görkezer.

Kä wagyt, gaty ỳekessirärsiň, ỳa-da başga bir iliň içine ỳeke öỳli bolup düşersiň. Toỳuň toỳa, ỳasyň ỳasa meňzemejek ỳaly darygyp kemsinersiň. Hut şeỳle ỳagdaỳda-da Magtymgulynyñ diwanyny eliňe alyp okarsyň welin, göwnüň giňäp ỳüregiň açylyp gider:

Magtymguly, ỳalan-ỳaşryk sözleme,
Nogsanyň içinden haỳyr gözleme,

Egisgin derdiňi diỳgin, gizleme,
Il-ulusdyr dosty-ỳary ỳekäniň.

Kä wagytlar, gaty agyr günler başyňa düşer, edeniň oňuna bolmaz, tutan işiň ỳol almaz, dünỳäň daralar, geljegiň garaňky ỳaly görüner, hatda il-gün seni unudan ỳaly, derdiňi paýlaşyp ỳüregiňi boşatmana-da adam tapmarsyň, mahlasy; hiç ỳerden hiç hili haraỳ ỳok ỳaly göwni çökgünlige uçrarsyň, eliň işden sowar, galam eliňde doňar!.

Ynha, edil şeỳle ỳagdaỳlarda-da Pyragy ỳanyňdadyr: okarsyň, okadygyňça eliňe düỳç geler, ỳüregiňe umyt dolar, ỳene işlemäge, ỳene ỳazmaga başlarsyñ ..

Günde ỳüz müň göç hem bolsa ol dünỳä,
Ol mukdar bu dünỳä gelen-de bardyr.
Ỳüz müň akmak bolup, gitse raỳyna,
Ỳüz müň özün ỳola salan-da bardyr.

Magtymguly, köňle gaỳgy getirme,
Bu bir iş wagtydyr, özüň ỳitirme,
Sözüm aňlan ỳok diỳp, ümsüm oturma,
Jahan giňdir, çendan bilen-de bardyr!

**…**

Magtymguly, şükür eỳlegil hudaỳa,
Ölüm barabardyr şahu gedaga,
**Bisabyr gul tiz ỳolugar belaga,**
**Sabyrly gul dura-dura şat bolar.**

Hut şeỳle hem bolỳar; gün geçỳär, aỳ aỳlanỳar, ỳyllar bir-biriniň yỳzyndan kerwen gurap gidip barỳar, gidip barỳar…bir gün gelỳär; Türkmen öz garaşsyz döwletine, Magtymgulynyň öz deňiz ỳaly giň ỳüreginde besläp arzuw edip giden milli döwletine onuñ çowluklary, ýuwluklar...eỳe bolỳar. Magtymgulynyň ỳurdunda, Garaşsyz Bitarap Türkmenistanda Magtymgulynyň hatyrasyna halkara ylmy maslahat geçirilỳär, dünỳäniň dürli üurtlaryndan gelen ähli alymlardyr beýleki myhmanlar Gerkeze gidip Beỳik türkmen şahyrynyň basan topraklaryny zyỳarat edip, onuň dem alan howasyndan dem alỳarlar…

Ynha, hut şonuň üçinem biz, Magtymguly Türkmeniň beỳik mugallymydyr diỳỳäris. Türkmen öz beỳik mugallymlarynyň; Oguzhan Atamyzyň, Korkut Atamyzyň, Andalybyň, Azadynyň, Magtymgulynyň, Keminäniň … we olaryň yzyny dowam etdirip gelýän, döwrümiziň beỳik şahyrdyr ỳazyjylarynyň mekdebinde ýetişip, olaryň paỳhasyndan ganyp TÜRKMEN bolỳandyr.

Hut şu hakykatlary göz öňünde tutmak bilen Garaşsyz Türkmenistanyň ilkinji prezidenti **Beỳik Saparmyrat Türkmenbaşy** şeỳle baha beripdi: **„Magtymguly Pyragy biziň beỳik akyldarymyz, bu beỳik ynsanyň pähim-paỳhasynyň ölçegem, çägem, belli bahasy hem ỳokdyr. Onuň ruhy türkmeniň aňyna hem ganyna siňmelidir**“.

# Ikinji Bölüm: Magtymgulynyň dünýägaraýşynda filosofik oylanmalar hem sopyçylyk düşünjeleriň yzlary

**(Pyragynyň içki dünyäsine gysgaça syn)**

**Türkmeniň milli şahyry, filosofi we beýik akyldary Magtymguly Pyragy (1780-1733) takmynan 150 ýyl bäri Asýaly hem Ýewropaly alymlaryň ünsüni çekip gelýär. Onuň goşgulary hem öz şahsyýatynyň dürli taraplary belli derejede öwrenildi hem-de dürli gözgaraýyşlar bilen oňa baha berildi. Onuň goşgularynyň gaty köptaraplylygyny göz öňünde tutmak bilen, uly gündogary öwreniji Bertels Pragynyň diwanyny tutuş dünýäni özünde görkezýän, ertekilerdäki Jemşidiň jamyna meňzetdi.**

**Magtymgulynyň içki dünýäsini öwrenmek örän uly hem yzygiderli işi talap edýär. Ol, ne bir makala sygar, ne-de bir žurnalistik işiň temasy bolup biler. Şeýle-de bolsa bu agyr işe bir giriş hem başlangyç hökmünde bu makalada, sopyçylyk hem-de pyragynyň goşgularynda sopyçylyk oýlanmalaryň yzlaryny güýjüm çatdygyndan gysgaça açyklamagy göz öňünde tutdum.**

**Adamzadyň öz töweregini gurşap aln dünýä we ondaky örän geń hadysalar hakyndaky oýlanmalary. Olaryň ilkinji dini ynançlarydyr ertekilerinde beýan edilýär. bu oýlanmalardyr düşünjeler adamzat taryhynda ilkinji gezek sumerleriň tarapyndan pahna ýazuwy bilen gaty köp tabellerde ýazuwa geçirilýär (b.e..ö. III. müňýyl). Soň gadymy Wawilonda,Ýunanda, yzyndan bolsa Iskenderiýýede (Müsürde) has ösdürülýär, oýlanmadan akyl ýetirmäge, hyýalbentlikden ylym derejesine baryp ýetýär. Örän düzgün-tertip bilen sistematik akyl ýöretmek gurallary hökmünde „pelsepe“ we „mantak“ alymlar tarapyndan esaslandyrylýar.**

**Resmi diniň ruhanylarynyň tarapyndan yzygiderli basyş görkezilmegi zerarly alymlardyr filosoflar miladi altynjy asyryň ortalarynda Ýunany terk edip Müsüre geçýärler we ylmy işlerini ol ýerde dowam etdirýärler. Olaryň eserleri arap diline-de terjime edilýär. Şeýlelik bilen, öňde örän baý bolan arap dili, ylym we pelsepe diline-de öwrülýär. Hatda şu gün hem türk dilinde-de pars dilinde-de arap sözlerini ulanmadan bu temalarda eser ýazmak mümkin däl diýen ýalydyr. Bu ýagdaýy biz Magtymgulynyň dünýä hakyndaky pelsepi oýlanmalaryna degişli goşgularynda-da görýäris.**

**Yslam dininiň ýaýramagy bilen bu gymmatbahaly eserler-de Müsürden Gündogar Türküstana çenli ýaýrady hem-de yslam dünýäsiniň alymlarynyň tarapyndan gaýtadan işlendi. Inha, sopyçylygyň (sufizmiň) ylaýta-da onuň dünýägaraýşynyň özeni bolan „barlygyň birligi“ (wähdeti wujud) düşünjesiniň esasi, şol eserlerdir.**

**Bilşimiz ýaly dürli-dürli dini ynançlary hem medeniýetleri bolarn köp sanly halklar we ülkeler yslam dininiň çygryna girizilýär. Yslam güýçleri bilen ýerli halklaryň arasyndaky gylyç urşunyň netijesi birnäçe ýylyň dowamynda belli bolýar. Emma ondan soň başlanan ruhy çaknaşyklar, ýagny yslam dini ynanjy bilen gadymlardan dowam edip gelen Budizm, Manizm, Şamançylyk, Zaratustrizm, Mesihilik ýaly dürli dini ynançlaryň arasyndaky ruhy we medeni çaknaşyklarkyr garşylykly täsir etmeler gaty uzaga sürýär. Bu garşylykly täsiriň netijesi bolsa dürli-dürli mezhepleriň we tarykatlaryň ýüze çykmagy bolýar. Ýokarda-da belläp geçişimiz ýaly sopyçylyk akymlary-da Ýunyn pelsepesi, Yslam hem gadymy dini ynançlaryň badaşmasyndan ýüze çykan bir ruhy sentez hasaplanýar.**

**Sopy we Tasawwuf (sopyçylyk) sözüniň köki hem gelip-çykyşy dogrusynda birnäçe düşünje orta atylypdyr. Käleri onuň köküni Ýunan sözi bolan „sufia“ ýagny bilim sözünden, käleri ony arap sözi „säffe“ ýagny „seki“ süzünden hasap edýärler. Sebääbi yslamyň başlangyç döwründe Abuzer we başga-da birnäçe, Mumammed pygammmeriň sahabalary (yakynlary) gijeler mejjidiň sekisinde ýatyp halkyň berýän hudaýýolylary (sadakalary) bilen ýaşar ekenler. Käbirleri sopy sözüni arap sözi „sowf“ yagny derwişleriň geýýän eşigi bolan „hyrka“ tikilýän gödegsi yüň matanyň adyndan**

**gelip-çykandygyny, we käbirleri bolsa arassa manysyndaky „saf“(sap) sözünden gelendigini öňe sürýärler. Magtymgulynyň goşgularynda-da soňky iki sözi aňladýan setirler gabat gelýär:**

**Sopylyk esbaby hoşdur, geý içiñni sap edip**
**Bolsa möý-möjek içim, bu esgi şaly neýlerem.**

**Sopyçylyk umuman bir dünýägaraýyş bolmagy bilen bir wagtyň özünde, ynsan ruhuny bu dünýä degişli ähli erbetliklerden hem bulaşyklyklardan arassalamak üçin geçilýän, birnäçe öwrüm hem basgançakdan ybarat belli bir ruhy we maddi ýörelgedir. Bu ýörelgä „Tarykat“ diýilýär. Sopyçylygyň sütüni „Tarykat“, mezhebiň esasy bolsa „Şarygat“dyr. Şarygat hakykatda yslam dünýäsiniň esasy kanunydyr. Türküstan piri Hojaahmat Ýesewi özüniň Diwani Hikmet kitabynda tarykaty „maňyza“ we şerigaty bolsa „gabyga“ meňzedýär. Maňyz yokarda-da bolsa ony saklamaga gabyk-da gerekdir. Şonuň üçin hem Türküstan sopyçylygynda mezhep däpleriniň ýerine ýetirilmegine-de örän ähniýet berilýär.**

**Adamzat nirden gelip nirä barýar? Ýa-da ynsan we dünýä ýokdan bar edilipmi ýada bardan ýaradylypmy? Diýen soraga tasawwufda (sopyçylykda) „bardan ýaradylypdyr“, „ynsan we dünýäniň ähli barlyklary tañrynyň özünden döräpdir we her bir zatda taňrynyň öz nury bardyr, dünýädäki ähli barlygy taňrynyň tejellisidir (görünýan we nuruny saçýan ýeridir)“ diýen düşünje öňe sürülýär. Bu düşünjä görä ýaradan bilen ýaradylanyň tüýsi we jowheri birdir. ”Tebrizli Saibiň” sözi bilen: „her zerräniň kalbyn dilseň, içinde güneş görersiň“. Şeýle garaýyşy biz Magtymgulynyň ençeme goşgularynda-da aç-açan görýäris. Mysal üçin:**

**Her eşýadan ýar sypatyn ders aldym** **Kur-an kaýsy, kitap kaýsy bilmedim**
**…**
**Her eşýada ýar jemalyn nagş etdi,** **Ap kaýsydyr, şerap kaýsy bilmedim**
**…**
**Asla seni görmemişim dildarym** **Gumrymy sen, bilbilmi sen, näme sen**
**Gamgyn köñlümi hyýalyñda aldaram** **Bag içinde gülgülmi sen, näme sen.**

**Garakçymyñ ýa seýitmiñ, hojamyñ** **Ýa sakymyñ, ýa şerapmyñ ýa jammyñ**
**ýa ýelmi sen, ýa gündizmiñ gijemiñ** **Ýa aýmy sen, ýa günmi sen, näme sen**

**Magtymguly geç namysdan, aryñdan** **El götergil, bu wepasyz käriñden**
**Dünýä doly, sen gapyl sen ýaryñdan** **Meý-mesmi sen ýa şeýdamyñ, näme sen.**

**Şeýlelik bilen tasawwufuň iň esasy düşünjjesi, ýagny „wehdeti wjud“ (barlygyň birligi) ýüze çykýar. „Barlygyň birligi“ gadymy Ýunanyň filosofi Herakliýusyň (b.e.ö. V ýüzýyl) tarapyndan şeýle beýan edilýär: „… we hakykat birdir, ähli barlyk gyzgyn hem gurak maddadan çykypdyr, ýene-de şol madda öwrülýärler we iniş-çykyş ýoly geçýärler. Inişde ot topraga we suwa öwrülýär, çykyşda bolsa toprak suwa we oda baryp ýetýär. Köplük diňe daş görnüş bolup iç we mazmun birlikdir, ynsanyň ruhy-da şol ýokarky oduň bir uçgunydyr we ölümden soň ýene-de şol oda baryp gowuşýar“. Bu düşünje soň Eflatun hem Ärestu tarapyndan has dolurak görnüşde beýan edilýär. kur-ani kerimde-de „innä lillahi we innä ileýhi rajeun“ (biz sendendiris, ýene-de saňa öwrülýäris) aýat, ýokardaky düşünjelere örän ýakyndyr hem-de tasawwufda oňa daýanylýar.**

**Sopyçylyk düşünjelerinde-de birden diňe birlik çykýar, köplük bolsa geçiji we ebedi barlygyň maddi dünýa ýaýramagy hem eçilmeginiň netijesidir. Ebedi barlyk, ähli zatlara nuruny (güneşini) saçýan gün ýalydyr. Güneş bilen günüň tüýsi hem jöwheri birdir. Ýa-da gom atyp duran çäksiz bir Okeandyr, ol çaýkananda ýer ýüzüniň ähli çöketleridir çukurlryny doldurup aýry-aýry şekillerde görünýär, emma olaryň hemmesiniň tüýsi we jöwheri birdir. Aýrylyk diňe gaplardadyr içindäki suwlarda däldir. Suwuň reňki-de ýokdur şekli-de, diňe aýry-aýry gaplarda dürli reňk hem şekilde görünýär.**

**Şeýle düşünje esasynda, ähli maddi we ruhy aýrylyklar, şol sanda dürli dinler hem mezhepleriň aýratynlyklary diňe daş görnüşde we şekilde bolup olaryň ählisiniň tüýsi hem jöwheri birdir. Aýralyklara sebäp bolýan şu şekiller we daş görnüşler aradan çykmagy bilen olaryň hemmesi bir bolup öz asyllaryna ýagny beýik biribara gowuşýarlar.**

**Wähdeti wujud (barlygyň birligi) sopyçylyk akymlarynyň her birinde özboluşly beýan edilýär. Bu düşünje biziň beýik şahyrymyzň goşgularynda, ylaýta-da „Mährap kaýsy bilmedim“ de örän aýdyň hem çeper görnüşde beýan edilýär:**

**Abdal maña ebet jamy sunaly,**
**Mejjit kaýsy, mährap kaýsy, bilmedim**
**Ol güdazda janym erip ýanaly,**
**Abat kaýsy, harap kaýsy, bilmedim.**

**Bir tabyşa tap etmedim toz boldum**
**Toprak boldum, ataş boldum, suz boldum**
**Daşdan bişdim, içden köýdim, köz boldum,**
**Kenar kaýsy, kebap kaýsy, bilmedim.**

**Nebse uýdum, özüm bildim hyrs boldum**
**Akyl işin, dogry sandym, ters bildim**
**Her eşýadan, ýar sypatyn ders aldym,**
**Kur-an kaýsy, kitap kaýsy, bilmedim.**

**Magtymguly ol mekanda, meks etdi**
**Şyhlar turdy, ýigitler deý raks etdi**
**Her eşýadan, ýar sypatyn äks etdi,**
**Ap kaýsydyr, şerap kaýsy, bilmedim.**

**Tasawwuf düşünjesine görä ynsan we dünýäniň ähli barlyklary şol ilkinji Taňrylyk (ilähi) mekanlaryndan aýrylan günlerinden bäri, elmydama ýene-de şol mekana gaýdyp barmagyň we ýaryň wysalynyň (ýara gowuşmagyň) joşgunydyr takatsyzlygynda, yşgynda, talwasynda we heýjanynda ýaşaýarlar. Pelegiň agyp-dönmesinden çäksiz deňizleriň haýbatly gom atyp durmagy, bulariň ählisini herekete getirýän güýç şol, „ýara gowuşmagyň yşgy“ we heýejanydyr. Möwlana Jelaleddiniň tüýduk hakyndaky sözleri bilen: „Gargylykdan kesilenimden bäri, Barçany aglatdy ýüregmiň zary“.**

**Şeýle düşünjelere görä tasawwufda, gelen ýeriňe dönmek we taňrynyň nurundan parlamak ugrundaky ýolagçylykda „yşk“, iň ýokarky makam we duralgadyr. Yşk ýolunda ähli zatdan geçmelidir, hatda ynsanyň jany bu ýulda beriljek iň arzan matadyr. Muhammed Ykbalyň sözi bilen: „yşgyň ýeri menber däl, dar agajydyr“. Mansur Hallaj we Emadeddin Nesimi şeýle çyn aşyklaryň iň kämil göreldesi hem simwolydyr. Olar yşk ýolunda demlerini almadan jan berdiler.**

**Magtymgulynyň goşgularynda-da „yşgyň“ aýratyn ýeri bardyr. Ol, Hallajy hem Nesimini alkyşlaýar, yşgyň güýji hem aşyklygyň jogapkärçiligini ýatladýar:**

**Keşt eỳledim, gezdim yşkyń dagynda,**
**Ne beladyr, kimse çeker bu derdi.**
**Yşk dagyn assalar gögüń boỳnundan,**
**Gök titreỳip, çeke bilmez bu derdi.**

**Yşk eser etmese, ýanmaz çyraglar,**
**Yşga düşse, guşlar eñrär, gurt aglar,**
**Egiler haýbatly kuwwatly daglar,**
**Daşlar erip, çeke bilmez bu derdi.**

**Kimdir yşgyñ ýükün çeken merdana!**
**Pelek gördi, gorkup düşdi gerdana,**
**Zemin jümmüş eýläp, geldi lerzana,**
**Çöller, düzler çeke bilmez bu derdi.**

**…**

**Yşkyñ owazasyn, diñle daşyndan,**
**Jan jebrinden gorksañ, barma başyndan,**
**Serişdäñ kem bolsa yşkyñ işinden,**
**Bar habar al, gören mübtilalardan!**

**…**

**Magtymguly, hakdan piýala çekse,**
**Piýala joş berip, hyýala çekse,**
**Aşyklar kalbyndan bir nala çekse,**
**Dagy elendirer, daşy ýandyrar.**

**Sopyçylykda „yşk“ derejesi tama üçin, hatda o dünýäde bir garşylyk tamasy bilen okalýan ähli ybadatlardan has ýokardadyr. Magtymguly şeýle diýýär:**

**Aşyk men diýp lap urarlar ýalandan**
**Bellisini aýdar, sorsañ bilenden,**
**Il gözüne ýüz ýyl tagat kylandan,**
**Ýagşydyr bir säher gözden ýaş gelse.**

**Ýunan filosofi Eflatunyň (b.e.ö. V ýüzýyl) yşk hakynda şeýle bir ýorumu bar: „ynsanyň ruhy öňki müjerredat dünýäsinde (maddi bolmadyk, diňe ruhlardyr akyllar dünýäsinde) bu dünýä inmezden öň gözelligiň hakykatyny hem-de tüýs gowylygy, ýagny „haýry“ perdesiz we örtüsiz aç-açan görüpdir. Hut şonuň ňüçin hem ýüzleý, ýasama we şertli gözellige gözi düşenden, şol öňki gören „tüýs we hakyky gözelligi“ ýatlaýar, aýralyk oduna uçraýar, yşk howasy ony göterýär, jemalyna şeýda bolýar hem-de edil kapasdaky guş ýaly ganat ýaýyp uçasy gelýär. Söýgi we duýgy dünýäsi tutuşlugyna „hak ýüzüni“ görmek höwäsi hem şowkydyr…“.**

**Ibni Sina-da Eflatunyň bu düşünjesini şeýleräk beýan edýär: „**jan,** ketegi beýiklerde bolan bir kebderi guşy ỳaly gökden inỳär. Ol, ilkibada gaty göwünsiz inen bolsa-da wagtyń geçmegi bilen köşeşip bu maddi dünỳä göwün berỳär, baglanỳar hem öwrenşỳär, öńki ỳurdundaky doslaryny hem-de ibrek-birege berilen sözleri unutỳar. Bu**

**maddi dünỳäniń türmesinde galandan soń-da, kä wagtlar geçen günlerini, beren sözlerini we köne ỳurduny ỳatlap zar-zar aglamaga başlaỳar.**

**Gaỳdyş güni gelip ỳetende, gözüniń öńünden perde syrylỳar, şadyỳan saỳrap başlaỳar we türmedäki ukuly gözleri bilen görüp bilmeỳän zatlaryny görüp başlaỳar…“.**

**Şeỳle düşünjelerdir ỳorumlar, Magtymgulynyń goşgularynda-da öz beỳanyny tapỳar:**

**Aslyń owuç gumdur, dem bir nepesdir,**
**Özüńe bir gözle işiä ebesdir,**
**Jesed bir menzildir, ten bir kapasdyr,**
**Jan bir gözi bagly guşdur, ỳaranlar.**

**…**

**Köńül perwaz eỳläp, galdy ỳerinden,**
**Howalanmyş, gökden inmez, ỳaranlar.**
**Bir hyỳala düşmüş, çykmaz serinden,**
**Bu hyỳaldan gaỳdyp d,nmez, ỳaranlar.**

**Nuş edipdir muhubbetiń gandyndan,**
**Gulak tutmaz zahytlaryń pendinden.**
**Turdy mekanyndan, çykdy bendinden,**
**Dolanyp, ornunda gonmaz, ỳaranlar.**

**Emma ýaryň wysaly we haka gowuşmaklyk aňsat däldir. Ol, haçan-da ýolagçy (ruhy ýolagçy, derwiş) gaty çylşyrymly hem köp azaply, dözümli, gynagly ýoly geçip „fäna“ (ýokluk, taňrydan başga zatdan dynmak) makamyna (derejesine, duralgasyna) baryp ýetenden soň müýesser bolýar. Bu ýokluk bolsa, hakyky barlygyň taňryda dowam etmeginiň (bakanyń) başlangyjydyr. Bu ylahi (taňrylyk) maksada ýetip bilmek üçin aýry-aýry tarykatlarda we sopyçylyk akymlarynda dürli-dürli hem özboluşly düzgün-tertipler hem disiplinler düzülip, özboluşly durmuşa geçirilýär.**

**Ýolagçy bu maddi hem ruhi ýolagçylykda: toba, kanagat, reza (yrza), sabyr, töwekkel, ozlet (ýekelik), halwat, geýbet (gaýyplyk, ýitmak) … ýaly makamlardan (öwrümlerden, pellelerden) ötüp: gabz we best (gysylmak we açylmak), geýbet we huzur (ýitmek we öwrülmek), jem we parh, zowg (şowk, lezzet), jezebe (özüne çekijilik), yşk, tejelli (görünmek, aýan bolmak) … ýaly ahwallary (ruhi özgerişleri) başdan geçirýär. Bu makamlardyr ruhi özgerişleri, „ätware ärbe-e“ (dört özgeriş, Şahabeddin Sohrewerdiniň taglymaty) ýa-da „ätware säbä-e“ (ýedi özgeriş, Nejmeddin Kobranyň, Möwlana Jelaleddin Ruminiń … taglymaty) başdan geçirip iň soňunda „fena“(ýokluk) makamyna baryp yetýär.**

**Ýokarda-da belläp geçişimiz ýaly bu makamyň ýa derejäniň manysy bu dünýäniň ähli maddi barlyklaryndan geçmek, hatda öz teniňi hem unutmaklykdyr, bu bolsa taňrynyň barlygynda „baka“nyň (ebedileşmegiň) başlangyjy we ýa hut taňrylaşmakdyr. Şeýle derejä baryp ýeten Mansur Hallaç ýaly ýolagçy, „änäl-hak“ (men hakdyryn, taňry bilen bileşdim) diýip gygyrýar, Nesimi bolsa şeýle goşgular bilen beýan edýär:**

**Olmuşam hakgy „enel-hak“ söỳlerem,**
**Hak menem, hak mendedir, hak söỳlerem.**

**Magtymgulynyń goşgularynda-da şeỳle makamlardyr ahwallar, tasawwufdaky adalgalary bilen beỳan edilỳär. Onuń, „bir gije ỳatyrdym“ atly goşgusy, hakykatda şol maddi hem ruhi ýollary aşyp „leka“ (haky görmek, tańra ulaşmak) derejesine ýetmegiň aýdyň beýanydyr. Ondan başga-da aşakdaky setirlerde hem şeýle manylary beýan edýär:**

**Yşk ataşyna düşdüm, perwana boldum imdi,**
**Şowkuń közüne köỳdüm, bürỳana boldum imdi,**
**Jismim kebaba döndi, girỳana boldum imdi,**
**Genç isteỳenler gelsin, weỳrana boldum imdi,**
**Aỳryldym agỳarlardan, bigäne boldum imdi.**

**Çykardym başdan imdi dünỳä höwäsin mutlak,**
**Ne ferşe aỳak basdyń, dolan bir yzyńa bak,**
**Kül bolup, ỳelge sowrul, ol güdazda janyń ỳak,**
**Lazym oldy okymak “ene-l hak-u” “min el hak”,**
**Meỳ içip meỳhanadan, mestana boldum imdi.**

**Bir “makama” duş boldum, pikr anda pikre batdy,**
**Jan anda jandan boldy, essinden gidip ỳatdy,**
**Jesed ỳolda ỳok boldy, köńül özün unutdy,**
**Yşk goşununy ỳygyp, akyl mülkün dagytdy,**
**Talańa berlip aklym, diwana boldum imdi.**

**Bu ỳerde Magtymguly yokardaky düşünjeleri doly beỳan etmek bilen bir wagtyń özünde, gündoga edebiỳatynda däp bolan, weỳranadan genji-hazyna çykỳanlygyny simwol edinmek arkaly, dünỳäniń ähli erbetliklerinden arynmak bilen ynsanyń iń ońat häsiỳetleriniń yüze çykỳandygyny, toprakdan gyzyl çykỳanlygy, ỳa-da topragyń gyzyla öwrilmegi bilen has düşnükli beỳan edipdir.**

**Ýokardaky gysgaça aýdylanlardan belli bolşyna görä, sopyçylyk düşünjeleriň Magtymgulynyň goşgularynda uly orna eýedigi aýdyň meseledir, onuň iň güýçli goşgulary-da köplenç şu ulgamda ýazan goşgularydyr. Emma welin Magtymgulynyň özüniň belli bir tarykata bagly bolupmy ýa-da bu ruhy ýolagçylygy ýekelikde aşan bir „arif“ bolupmy? Diyen sorag, heniz öwrenilmeli meseledir diýip düşünýärin. Elbetde türk alymy „Fuad köprüli“ we Fransaly alym „Aleksandr Bennigsen“ ýeterlik deliller getirmeden ony, Nagşbendi tarykatyna bagly bolandygyny nygtaýarlar. Onuň „bir gije ýatyrdym şahy nagşbend“ goşgusy-da bu pikire goltgy berýär. Emma welin Magtymguly bir tarapdan Baha-eddin Nagşbendini sylaýşy ýaly Mansur Hallaç, Hojaahmat Ýesewi, Emadeddin Nesimi, Hajy Bektaş Weli, Şebli… ýaly pirlere-de uly hormat goýýar, hatda onuň goşgularyndaky kä setirleri Ýesewiniň Diwani Hikmetinde-de gabat gelýär. Emma ỳene bir tarapdan bolsa onuń goşgularynda gabat gelýän birnäçe düşünjeleri belli bir tarykata sygdyrmak mümkin dälmikä diýýärin. Meselem aşakdaky setirler, Omaor Haýýamyň goşgularyndaky oýlanmalary ýatladýar:**

**Mollalar ahyrat sözün eỳlärler,**
**Müńkür olma, gerçek işdir, eỳlärler,**
**Kim biler ki, ahyretde neỳlärler,**
**Iỳip, içip, münüp, guçup öt ỳagşy.**

**…**

**Bedew ölse, meỳdan galar armanly,**
**Hak yşkyna at sal meỳdan ỳoluksa,**
**Är ölejek, heńńam galar döwranly,**
**Wagtyńy hoş geçir, döwran ỳoluksa.**

**Bu gysga makalada biz, Magtymgulynyň diwanynda sopyçylyk ulgamyna degişli oýlanmalaryň yzlaryny açyklamaga synanşdyk. Emma onuň dünýägaraýşy şeýle bir giň, köptaraply, şol bir wagtyń özünde-de her hili täsipden uzak welin, belki ony belli bir dini akyma sygdyrmaklyk mümkin hem däldir. Ýokarda-da belläp geçişimiz ýaly bu mesele örän kyn hem jogapkärli, şol bir wagtyň özünde-de edilmeli iş diýip düşünýärin.**

**Sopyçylyk dünýagaraýşy hakynda aýdanymyzda bolsa, onda uly umanizm (ynsanperwerlik) barlygyny nygtamalydyrys. Sebäbi bu düşünjede „barlygyň birligi“ hakykatyna ynanmak bilen, ynsana we dünýäniň ähli barlyklaryna örän uly baha hem beýik dereje berilýär. Ynsana taňrylyk paýy berilýär. Netijede bolsa ynsana uzlum etmeklik şol bir wagtyň özünde gönüden göni taňryny ynjytmak manysyna-da gelýär. Ýene bir tarapdan bolsa köp urşlardyr gyrgynçylyklara ýol açýan, adamzadyň parahat ýaşamagyny bökdeýän her hili täsibiň, ulumsulygyň we agzyalalygyň garşysyna çykyş edýär. Çünki sopyçylyk dünýägaraýşynda ähli dinlerdir mezhepleriň arasyndaky tapawutlar diňe geçiji we daş görnüşdäki ýüzleý tapawutlar bolup, aslynda olaryň barynyň içi, mazmuny hem jöwheri birdir. Aýdylşyna görä sopyçylygyň piri hasaplanýan Bagdatly Jüneýdiň (miladi 10-njy ýüzýyl, Mansur Hallajyň döwürdeşi) geçirýän sapaklaryna yslama girýän mezhepdir tarykatlaryň daşynda mesihileriň hem gatnaşmaga hukugy bolupdyr.**

**Sopylar elmydama nebislerine buýrup, ruhy baýlygy, kanagat bilen buýsançly ýaşamagy ündäp, her hili gözboýagçylygyň hem ikiýüzliligiň garşysyna çykyş edip gelipdirler. Hut şonuň üçin hem olaryň orny elmydama halk köpçüliginiň arasynda we halkyň ýüreginde bolupdyr. Olar hiç zatdan gorkmadan hemişe hakykaty dile getiripdirler.**

**Hurufi, Nagşbendi we Bektaşi ýaly birnäçe tarykatlar, zuluma hem basybalyjylyga garşy hereketlerde halkyň ideologiýasy hökmünde örän uly rol oýnapdyr. Nagşbendi tarykaty özüniň berk düzgün-tertibi hem desiplini bilen geçen ýüzýyllaryň agyr taryhy şertlerinde kolonýalizme we basybalyjylyga garşy göreşmekde edil güýçli patriýalar ýaly uly hyzmat edipdir. Ýokarda ady geçen Aleksandr Benningsonyň pikrine görä Magtymgulydan başga-da Şyh Şamil, Gurbanmyrat işan we Jüneythan ýaly ýolbaşçylaryň-da hemmesi Nagşbendi tarykatyna degişli bolupdyrlar.**

## Magtymguly hakda alymlaryń sözlän sözleri:

### Bertels:

**Ỳurtda ve jemgyỳetde höküm sürỳän adalatsyzlyklar we gaty agyr ỳagdaỳlar Haỳỳamy-da, Magtymgulyny-da ruhy taỳdan agyr ỳagdaỳa düşürỳär. Şu hili ỳagdaỳa düşen Omar Haỳỳam gaỳgyny şerap içmek, saz-söhbet bilen ỳeńlitmeli diỳen bolsa, Magtymguly onuń tersine „Eger gaỳgy-da, şatlyk-da, ynsanyń ömri-de gysga wagtly bolsa, onda bir minut-da wagtyńy biderek geçirmeli däl, hemişe hereket etmeli, döretmeli“ diỳen netijä gelỳär.**
**Magtymgulynyń diwany ertekilerdäki Jemşidiń jamy ńalydyr. Ỳagny Magtymguly ỳaşaỳşyń ähli taraplary hakda gysga-da bolsa gşgy goşupdur.**

## Saýlaw Myradow:

**Mgtymguly gündogar realizmini bir pelle ýokaryk galdyrdy. Onuń realizmi Ferdewsi, Nyzami, Jami, Nowaýi ýaly abstrakt realizm däl-de düýpli meseleleri we halkynyń bähbidini araýan real, prinsipal pozisńada bolupdur.**

## Arif Hajiýew:

**Magtymgulynyń şahyrana eserleri yzygiderli suratda onuń ömür ýoluny, çylşyrymly dünýägaraýşynyń ewolýusýasyny şöhlelendirýär. Belki-de sosýal mazmuny, gündogaryń hiç bir şahyrynda edil Magtymgulynyńky ýaly esasy orun eýelän däldir … wagtyń umumylaşdyrylan sosýal-etiki obrazy onuń poeziýasynda ähli çeperçilik öwüşgünleri bilen görülýär… Magtymguly biziń gündogar edebiýatymyzda 18-nji asyryń haýran galdyryjy hem täsin hadysadyr.**

## Çengiz Aýtmädow:

**Dünýä edebiýatynyń iń ońat eserleriniń 200 tomlygy biziń ýurdumyzda (öńki Şuwrewide) neşir edildi. Ol, Wawilon ýazgylaryndan, injilden başlap, tä biziń günlerimize çenli eserlerini öz içine alýar. Şonuń „Gündogar Medeniýeti tomunda bolsa biziń Magtymgulynyń poeziýasy ähli döwürleriń, ähli halklaryń edebiýatlarynyń iń ajaýyp klasikleriniń hatarynda orun tutýar. 18-nji ýüzýyl bütin Türküstanda Magtymgulynyń poeziýasynyń ýüzýyllygy (asyry) dyr.**

## Nazar Gulla:

**Magtymgulynyń göredijiligi biziń halkymyzyń şahyrana-filosofik pikirleriniń tötänleýin galkynyşy hasaplanmaly däldir. Tersine ol onuń taryhy asyrlar bilen däl-de müńýyllyklar bilen ölçenilýän edebi mirasynyń kanuna laýyk dowamydyr. Türkmeniń geçmişiń jümmüşine uzalyp gidýän ruhy dagynyń iń belent gerşidir.**

## Garaşsyz Bitarap Türkmenistanyń ilkinji prezidenti S. Türkmenbaşy:

**„Magtymguly Pyragy biziň beýik akyldarymyz, bu beýik ynsanyň pähim-paýhasynyň ölçegem, çägem, belli bahasy hem ýokdyr. Onuň ruhy türkmeniň aňyna hem ganyna siňmelidir.**

<u>Edebiýat:</u>

**1-TSSR-niň taryhy, Aşgabat- 1959**
**2-Magtymguly, Saýlanan eserler, Aşgabat-1983**
**3-M. Kösäýew, ;Edebiýat barada söhbet; Aşgabat-1956**
**4-Ahmat Bekmyrad, Andalyp hem Oguznamaçylyk däbi, Aşgabat-1987**
**5-Aleksanre Bennigsen, Sufi ve Komisar, Ankara-1988**
**6-Martin Lings, Tasavvuf nedir?, Ästanbul-1986**
**7-Hudaýberdi Duedyýew, Akyl Gämisi, Aşgabat-1987**
**8-Dr. Hasan Küçük, „Tarikatlar“ ve Türkler üzerine Müsbet etkisi, Istanbul-1976**
**9-Magtymguly 250, Şahyryń doglan gününiń 250 ýyllygyna bagyşlanyp geçirilen ylmy maslahatyń makalalar ýygyndysy, Aşgabat-1989**
**10-Türkmenistanda neşir edilen aýry-aýry gazýet-žurnallardky makalalar.**

**B. Gereý**
**Berlin-May 2008 (Magtymguly aýy) dangatar@web.de**